# «Diliñ gürlemäge ejap edenin…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Diliñ gürlemäge ejap edenin…" «DILIÑ GÜRLEMÄGE EJAP EDENIN…»

Diliñ gürlemäge ejap edenin,
Sessizligiñ böwrün deşip ýaz, galam.
Dünýä duýmasa-da kalbyñ ejirin
Ýazanlaryñ aýdym bolsun, saz, galam.

Bu gün yşka düşüp sämese serim,
Derdimi señ bile beýan ederin.
Kalbyñ çuñ yerinden çykaryp telin,
Güllän duýgularym bolar söz, galam.

Yşka düşen derde düşer bilersiñ,
Seniñ bile Hakdan medet dilesin.
Saña agram salyp çykarman sesim
Ýaş dökendir bu güne çen göz, galam.

Agyrlygy çökerende egnimi
Kalby deşim-deşim eden derdimi
Kä unudyp seni goyan ýerimi
Gözläp, gözläp sermenendir el, galam.

Stambul, 2022 ý.

Zöhre ÖWEZOWA. Goşgular